# Eýdip-beýdip… / edebi ýaňsylama

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eýdip-beýdip… / edebi ýaňsylama EÝDIP-BEÝDIP…




*Eýtdik-beýtdik ahyr aýrylyşdyk biz,*
*Öçürdik irizen ody birigip.*
*Eý, rakybym, sizem wagt barka heniz,*
*Öwreniň çyndan söýmegi birini…*
**Anna Ahmatowa, "Eýtdik-beýtdik ahyr aýrylyşdyk biz".**
**(Aýgül Garaýewanyň terjimesinden, kitapçy-ru. 28.12.2023 ý.)**

Eýdip-beýdip eden terjimäň okap,
Düşünmedik, walla, eýdip-beýdibem.
Heý, beýle-de şeýle bormy, jan dogan,
Zordan okap, klassykdan doýdumam.

Anna okap, öz zadyny türkmençe,
Beýhuş bolup ýykylardy, megerem.
Klassygy maýyp etmejek bolsaň,
Otlama gyz, ýüreginden şygyryň.

Ýazyber sen şo-ol ýöntemje goşgulaň,

Sazlaşdyryp söýýän bilen köýýäni.
Birje haýyş, öz gününe goýawer,
Pukaraja Ahmatowa Annany…

29.12.2023. 22.30.

Allaýar ÇÜRIÝEW.

Şarž: «Peterburgyñ gara duly» – Anna Ahmatowa», Artur Polewoý.
Goşgular